« 02 » iýun 2023 ý. № 585 Aşgabat ş.

# Metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň pudagara toparyny döretmek hakynda

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Howanyň üýtgemegi barada Türkmenistanyň Milli strategiýasynyň çäklerinde ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda emele gelýän parnik gazlarynyň, esasan hem metan zyňyndy gazlarynyň möçberlerini yzygiderli azaltmak ugrunda durmuşa geçirilýän işleriň netijeliligine gözegçiligi güýçlendirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň pudagara toparyny döretmeli.

2. Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň pudagara toparynyň düzümini;

2) Metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň pudagara topary hakynda Düzgünnamany.

3. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasarlary, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministri gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Serdar Berdimuhamedow**

Türkmenistanyň Prezidentiniň diwany
Protokol bölümçesi

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2023-nji ýylyň 02-nji iýunynda
çykaran 585-nji karary bilen
tassyklandy

**Metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň pudagara toparynyň DÜZÜMI**

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň oba hojalyk toplumy boýunça Orunbasary (Toparyň başlygy)

Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministri (Toparyň başlygynyň orunbasary)

Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Energetika ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Adalat ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary

«Türkmennebit» döwlet konserniniň başlygynyň orunbasary

«Türkmengaz» döwlet konserniniň başlygynyň orunbasary

«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň başlygynyň orunbasary

Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleriniň orunbasarlary

Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Halkara ekologiýa hyzmatdaşlygy we taslamalary utgaşdyryjy müdirliginiň başlygy (Toparyň jogapkär kätibi)

**Türkmenistanyň Prezidentiniň**
**2023-nji ýylyň** 02-nji iýunynda
**çykaran** 585-nji **karary bilen**
**tassyklandy**

**Metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň pudagara topary hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

1. Şu Düzgünnama Metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň pudagara toparynyň (mundan beýläk – Pudagara topar) wezipelerini, hukuklaryny, şeýle hem mejlislerini geçirmegiň we çözgütlerini resmileşdirmegiň tertibini kesgitleýär.

2. Pudagara topar öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini we şu Düzgünnamany goldanýar.

3. Pudagara toparyň esasy wezipeleri:

1) Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan gol çekilen we tassyklanan metan zyňyndy gazlaryny azaltmak bilen bagly halkara şertnamalarynyň düzgünleriniň öz wagtynda durmuşa geçirilişine ýardam etmek;

2) Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan gol çekilen we tassyklanan metan zyňyndy gazlaryny azaltmak bilen bagly halkara şertnamalarynyň düzgünlerini durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistanyň borçnamalaryny ýerine ýetirmek babatda Türkmenistanyň döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň işini utgaşdyrmak;

3) halkara ekologiýa syýasatyny durmuşa geçirmek bolup durýar.

4. Pudagara topar öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda:

1) daşky gurşawy goramak boýunça konwensiýalara, maksatnamalara we teswirnamalara gatnaşyjy taraplaryň konferensiýalarynyň mejlislerinde hem-de daşky gurşawy goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak bilen baglanyşykly beýleki halkara we

sebit maslahatlarynda metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň garaýşyny kesgitlemek boýunça teklipleri taýýarlaýar;

2) Türkmenistanyň ykdysadyýetinde we senagatynda metan zyňyndy gazlaryny azaltmak üçin tehnologiýalary ornaşdyrmaga gönükdirilen taslamalary we maksatnamalary seljerýär we öz netijenamasyny berýär;

3) metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça halkara şertnamalarynyň çäklerinde Türkmenistanyň döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň işini utgaşdyrýar;

4) metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly degişli hasabatlaryň taýýarlanmagyny guraýar;

5) daşky gurşawy goramak boýunça halkara şertnamalarynyň ýörelgelerine laýyklykda metan zyňyndy gazlaryny azaltmak bilen bagly meýilnamalaryň, strategiýalaryň we hereketleriň milli maksatnamalarynyň taýýarlamagyna gatnaşýar;

6) metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny taýýarlamaga gatnaşýar;

7) öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beýleki işleri amala aşyrýar.

5. Pudagara toparyň şulara hukugy bardyr:

1) Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan gol çekilen we tassyklanan metan zyňyndy gazlaryny azaltmak bilen bagly halkara şertnamalarynyň düzgünleriniň durmuşa geçirilmegi üçin zerur bolan maglumatlary Türkmenistanyň döwlet häkimiýet edaralaryndan, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan we jemgyýetçilik birleşiklerinden sorap almaga;

2) zerur halatlarda metan zyňyndy gazlaryny azaltmak boýunça halkara şertnamalary babatda Türkmenistanyň borçnamalaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly işleri guramak maksady bilen, alymlary, Türkmenistanyň döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerini, şeýle hem ýurdumyzda daşky gurşawy goramagyň dürli ugurlary boýunça halkara guramalary bilen bilelikde ýerine ýetirilýän taslamalaryň işgärlerini işe çekmäge;

3) öz ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýerine ýetirmegi hökmany bolan çözgütleri kabul etmäge.

6. Pudagara toparyň düzümi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

7. Pudagara toparyň mejlisleriniň gün tertibiniň meseleleri boýunça resminamalary taýýarlamak, olary Pudagara toparyň agzalaryna ýetirmek, şeýle hem Pudagara toparyň resminamalaryny resmileşdirmek Pudagara toparyň jogapkär kätibi tarapyndan amala aşyrylýar.

8. Pudagara toparyň mejlisi azyndan alty aýda bir gezek geçirilýär.

9. Pudagara toparyň mejlisiniň geçiriljek ýeri Pudagara toparyň başlygy tarapyndan kesgitlenilýär.

10. Pudagara toparyň mejlisiniň gün tertibi Pudagara toparyň agzalarynyň teklipleri esasynda düzülýär we Pudagara toparyň başlygy tarapyndan tassyklanylýar.

11. Pudagara toparyň agzalary Pudagara toparyň mejlisine gatnaşmaga borçludyrlar. Mejlise gatnaşmak esasly sebäplere görä mümkin bolmadyk halatynda, Pudagara toparyň agzasy bu barada Pudagara toparyň başlygyna deslapdan habar berýär.

12. Pudagara toparyň mejlisine Pudagara toparyň başlygy, onuň bolmadyk ýagdaýynda, Pudagara toparyň başlygynyň orunbasary ýolbaşçylyk edýär.

13. Pudagara toparyň mejlisi oňa Pudagara toparyň agzalarynyň üçden iki bölegi gatnaşan ýagdaýynda meselelere garamaga ygtyýarly hasap edilýär.

14. Pudagara topar zerur halatlarda öz mejlislerine degişli hünärmenleri bilermen hökmünde çekip biler.

15. Pudagara toparyň ähli çözgütleri onuň mejlisine gatnaşan agzalarynyň sesleriniň ýönekeý köplügi bilen kabul edilýär. Sesler deň bolan ýagdaýynda, Pudagara toparyň başlygynyň sesi çözüji ses bolup durýar.

16. Pudagara toparyň her bir agzasynyň bir sesi bardyr.

17. Zerur ýagdaýlarda Pudagara toparyň mejlisinde Pudagara toparyň başlygynyň teklibi esasynda gün tertibine girizilmedik meselelere hem garalyp bilner.

18. Pudagara toparyň kabul eden çözgütleri Pudagara toparyň kätibi tarapyndan teswirnama görnüşinde resmileşdirilýär we oňa Pudagara toparyň başlygy we agzalary gol çekýärler.

19. Pudagara toparyň işi bilen bagly şu Düzgünnama arkaly kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.